# Degişmeler düwünçeginden

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Degişmeler düwünçeginden DEGIŞMELER DÜWÜNÇEGINDEN

## Tüsse dagaýança

Iki awçy özara gürleşip dur:

– Ýekegapan awlaňda tüpeňiňe nähili däri salýaň?

– Diňe tüsse çykarýanyny salýan.

– Näme, tüsseli okuň ýekegapany derrew ýatyraýýamy?

– Ýok-la, tüsse dagaýança agaja dyrmaşyp ýetişýän.

## Uçup barýan

Alpinist uçuda güwläp gaýdypdyr. Ýoldaşlary onuň yzyndan adyny tutup gygyrypdyrlar:

– Wasýa, janyň beri sagmy?

– Sag, sag!..

– Elleň abatmy?

– Abat!

– Aýaklaň bitinmi?

– Bitin!

– Onda ýokaryk gal-da!

– Nädip galaýyn, entek uçup barýan!..

## Ikinjim

Awçy egninden tüpeňini aýrypdyr-da, käkiligi nyşana alyp, ony

ýere gaçyrypdyr.

– Şu meň ikinji uran käkiligim! – diýip, ol ýoldaşynyň ýanynda buýsançly gürläp, döşüne kakypdyr.

– Hany, onda birinji uran käkiligiň?!

– Men ony on ýyl mundan ozal urupdym.

## Agam ikimizi…

Iki sany lapçy güpleýär:

– Bir gezek Afrikada aw awlap ýörkäm, bäş ýüz metr aralykdan ýekeje okda pili tükgertdim.

– Onyň dagy nämejik! Ynha, arada Demirgazyk deňzinde hiç bir ýaragsyz-beýlekisiz ak aýyny bogup taşladym.

– Ýogsa-da deňiz diýeňde bir zat ýadyma düşdi. Sen, heý, öňde-soňda Öli deňzi diýip eşidipmidiň?

– Elbetde, eşidipdim.

– Bilip goý, şony agam ikimiz öldürdik.

## Gaty gymmat

Suratkeş ýaş gelne onuň suratyny çekmegi teklip edipdir.

– Çeken suratyňyz üçin näçe tölemeli borun? – diýip, zenan sorapdyr.

– Hanym, siz üçin hiç zat.

– Aý, ýok, munyňyz gaty gymmat bolýa.

## Bagtyň çüwende

– Düýn utukly petegim bilen ýüz müň utaýdym!

– Aýalyň-a muňa ýaman begenendir.

– Hawa, begenjine doňňaradaşa öwrüläýdi.

– Tüweleme, bagtyň çüwende barysy birden şowlaberjek oguşýa!

## Göresiň gelse…

Adamsy aýalyna ýüzlenip, şeýle diýýär:

– Lýusýa, sen, heý, mynjyradylan pul görüpmidiň?

Aýaly ýylgyryp:

– Görüpdim, ýeri näme? – diýip soraýar.

– Mynjyradylan onluk puly görüpmidiň?

– Görüpdim, ýöne gaty seýrek.

– On müň rubluň mynjyradylanyny gördüňmi?

– Ýok, görmändim.

– Onda garaža bar-da göräý.

## Barybir tapar

– Eger meň ejem biziňkide ýaşajak bolýan bolsa – diýip, aýaly adamsyna sala salypdyr. – Onda biz has ulurak öýe göçsek gowy bolmazmy?

– Beýdip gaçyp gutulyp bolasy ýok – diýip, adamsy lapykeçlik bilen jogap beripdir. – Iru-giç ejeň bizi şo ýerdenem tapar.

## Hökman gitmeli

– Ezizim, garyndaşlammyzyňka hiç myhmançylyga gidesim gelenok.

– Meňem gidesim gelip duranok. Ýöne, şunam bilip goý, barmasak, olar ýaman begener.

– Dogry aýdýaň. Onda hökman gitmek gerek.

## Gaýçy gözleginde

Saçy aşa ösgün ýaş ýigit dellekhanada otyr. Dellek eli magnitli pyrlanyp ýörşüne, magniti onuň kellesiniň üstünde aýlaýar.

– Bü näme, saç syrmagyň täze usulymy?

– Ýok. Men gaýçymy gözleýän-laý.

**Tanaýmaly**

– Sen hiç haçan Samarada bolup görmediňmi?

– Ýok, hiç haçan bolup göremok.

– Onda sen meň uýamy tanaýmaly, olam hiç haçan şo ýerde bolup görenok.

**Näme almaly?**

Aýaly adamsynyň ýanyna gelip, näz bilen gürleýär:

– Sen meni gowy görýäňmi?

– Gepiňi köpeltme-de, özüňe näme satyn alyp bermelidigini aýt?

**Näme üçin aglanymy bilýäňmi?**

Adamsy bilen dükandan çykyp barýan aýaly şeýle diýýär:

– Sen meň näme üçin aglanymy bilýäňmi?

– Bilýän, ýöne mende onça pul ýok.

**Her ýarym sagatdan**

Aýaly adamsyna şeýle diýýär:

– Men goňşulara bir minutlyk baryp gaýtjak, senem her ýarym sagatdan nahary bulap duraweri.

**Uçamzok**

Bir uçarman beýleki uçarmana şeýle diýýär:

– Paraşýutçylara aýt, bökmeklerini bes etsinler. Biz entek uçamzok.

**Meňzeşlik nämede?**

– Seni gördügim bada-bat Kowalýow ýadyma düşäýýä.

– Ýöne meň oňa meňzeýän ýerim ýog-a.

– Bü hakykat, ýöne oňam maňa elli rubl bergisi bar-da.

**Duýgudaşlyk**

– Ýaman sus görünýäň, eýgilikmi?

– Aýalym öýden gitdi-de…

– Wah, bolmandyr, gynanýan, dost, gynanýan.

– Men entek gürrüňimi gutaramok… Şu gün bolsa ol yzyna dolandy.

**Düýnki gazet**

– Aýtsaňyzlaň, şu gün aýyň näçesi?

– Eliňizde gazet barka aýyň näçesidigini sorap durmagyňyz näme?

– Wah, elimdäki düýnki gazet-dä.

**Ulagyňy döwäýdiňmi?**

– Nora jan! – diýip, ýaş ýigit gygyryp gürläpdir. – Sen meň dünýädäki ýeke-täk gymmat bahaly zadym.

– Eý, Taňrym! Näme boldy? Ulagyňy kül edäýen-ä dälsiň-dä hernä?

**Çykalga**

– Aryny öldürmegiň aňsat ýoluny bilýäňmi?

– Ýok.

– Ony yşgabyň aşagyna kowagetdin, yşgabyň dört aýagyny-da kesip taşlaýmaly.

**Ýeke söz üçin**

– Kolýa, näme üçin biziň toýumyza gelmediň?

– Ýeke söz üçin gelmedim.

– O nähili söz?

– Çagyrylmadym.

**Terjime eden Adyl Ýolyýew** Degişmeler